**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**

*– BIZ PARAHATÇYLYGYŇ WE ADAMZADYŇ SAZLAŞYKLY ÖSÜŞINIŇ BÄHBIDINE ÖZ GOŞANDYMYZY GOŞMAGA HEMIŞE TAÝÝARDYRYS.*

#5(288)

четверг, 5 февраля 2026 года

ESASLANDYRYJY – TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGI

ELEKTRON GAZET 2020-nji ÝYLYŇ 1-nji AWGUSTYNDAN BÄRI ÇYKARYLÝAR

ИНТЕРНЕТ ГАЗЕТА

# Международные новости



# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

**30-njy ýanwarda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda döwlet durmuşyna degişli birnäçe meselelere seredildi.**

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa ýurdumyzyň kanunçylyk binýadyny döwrebaplaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işler barada maglumat berdi.

Hormatly Prezidentimiz döwletimizi mundan beýläk-de ösdürmek boýunça kabul edilýän kanunlaryň uly ähmiýete eýedigini aýtdy hem-de häzirki zaman talaplaryna laýyk gelýän täze kanun taslamalaryny işläp taýýarlamagy dowam etdirmegiň möhümdigini belledi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow bank işini döwrebaplaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda durmuşa geçirilýän «Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2026 — 2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasynda» bellenen çäreleri ýerine ýetirmek maksady bilen, maliýe tehnologiýalaryny ösdürmek, ýurdumyzyň bank ulgamyna döwrebap maglumat-aragatnaşyk ulgamyny ornaşdyrmak ugrunda degişli işler geçirilýär. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer Konsepsiýadan gelip çykýan wezipeleri ýerine ýetirmek üçin Merkezi bankyň, «Türkmenistan» döwlet täjirçilik bankynyň, «Türkmenbaşy» paýdarlar täjirçilik bankynyň maddy-tehniki binýadyny has-da kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işler barada aýtdy we döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli teklibi hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň bank ulgamyna döwrebap maglumat-aragatnaşyk ulgamyny ornaşdyrmak boýunça netijeli işleriň alnyp barylýandygyny nygtady. Döwlet Baştutanymyz agzalan banklaryň maddy-tehniki binýadyny has-da kämilleşdirmäge gönükdirilen teklibi makullap, wise-premýere degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary B.Amanow, B.Annamämmedow, N.Atagulyýew degişli ugurlarda alnyp barylýan işler barada hasabat berdiler.

Hormatly Prezidentimiz hasabatlary diňläp, wise-premýerlere anyk tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Seýidowa Daşoguz welaýatynda ýurdumyzyň dessançy bagşylarynyň gatnaşmaklarynda «Dünýäde ýaňlanýar ajap dessanym, toý tutýar Garaşsyz Türkmenistanym» atly festiwaly geçirmäge görülýän taýýarlyk işleri barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, şu ýylyň martynda geçiriljek festiwala ýurdumyzyň dessançy bagşylarynyň, sazandalarynyň, medeniýet ugurly okuw mekdepleriniň mugallymlarynyň, talyplaryň, okuwçylaryň gatnaşmaklary meýilleşdirilýär. Festiwalyň çäklerinde «Dessançy bagşylar joşa gelende» atly ylmy-amaly maslahatyň, «Bagşy dessan aýdanda» atly konsertiň, halypa dessançy bagşylaryň ýaş bagşy-sazandalar bilen ussatlyk sapaklarynyň, Gahryman Arkadagymyzyň «Ile döwlet geler bolsa...» atly kitabynda beýan edilýän meşhur dessançy bagşylaryň dessançylyk ýoluna bagyşlanan aýdym-sazly döredijilik duşuşygynyň geçirilmegi göz öňünde tutulýar. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiziň garamagyna degişli teklip hödürlenildi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, ýurdumyzda halkymyzyň medeni we ruhy mirasyny gorap saklamak, baýlaşdyrmak, ony dünýäde giňden wagyz etmek boýunça uly işleriň alnyp barylýandygyny aýtdy hem-de wise-premýere Daşoguz welaýatynda geçiriljek festiwala we ylmy-amaly maslahata gowy taýýarlyk görmegi, olary ýokary derejede geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Orazdurdyýewa Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň «Ylmy barlaglar we innowasiýalar» atly ylmy-köpçülikleýin elektron žurnalyny döretmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli teklibi hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzda ýokary bilimli hünärmenleri, ýaş alymlary taýýarlamaga uly üns berilýändigini, bu ugurda sanly ulgamyň mümkinçiliklerinden peýdalanmak babatda ähli zerur şertleriň döredilýändigini aýtdy. Döwlet Baştutanymyz «Ylmy barlaglar we innowasiýalar» atly ylmy-köpçülikleýin elektron žurnaly döretmek baradaky teklibi goldap, wise-premýere degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow Türkmenistanyň başlangyjy esasynda 2028-nji ýylda Halkara hukugyň ýylyny geçirmäge taýýarlyk görmek boýunça 2026-njy ýyl üçin çäreleriň meýilnamasy barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, Türkmenistan tarapyndan Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasynda 2028-nji ýyly «Halkara hukugyň ýyly» diýip yglan etmek baradaky başlangyjyň öňe sürlendigini belledi. «Munuň özi parahatçylygyň we hyzmatdaşlygyň halkara hukuk esaslaryny berkitmekde möhüm ädim bolup durýar» diýip, hormatly Prezidentimiz aýtdy hem-de bu ugurda taýýarlanan teklibi makullap, wise-premýer, daşary işler ministrine degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Çakyýew milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklaryny sanlylaşdyrmak we innowasion tehnologiýalary önümçilige ornaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli Kararyň taslamasyny hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzda sanly ulgamy ösdürmek, maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalaryny giňden ornaşdyrmak boýunça maksatnamalaýyn işleriň durmuşa geçirilýändigini belledi. Döwlet Baştutanymyz sanly ykdysadyýeti ösdürmek boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmek maksady bilen, bu ugurda taýýarlanan degişli resminama gol çekip, ony sanly ulgam arkaly wise-premýere iberdi we birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly geçirilen mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА ДЕМОКРАТИЧЕСКОЙ СОЦИАЛИСТИЧЕСКОЙ РЕСПУБЛИКИ ШРИ-ЛАНКА

Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Демократической Социалистической Республики Шри-Ланка Ануре Кумаре Диссанаяке по случаю Дня независимости Демократической Социалистической Республики Шри-Ланка.

Пользуясь возможностью, глава государства адресовал Президенту Ануре Кумаре Диссанаяке искренние пожелания крепкого здоровья и счастья, а народу Шри-Ланки – мира, прогресса и процветания.



## TURKMENISTAN AND THE UAE AIM TO EXPAND BILATERAL TIES

On February 4, 2026, a meeting was held in Abu Dhabi between the Deputy Chairman of the Cabinet of Ministers of Turkmenistan, Minister of Foreign Affairs Rashid Meredov and the Vice President, Deputy Prime Minister, Chairman of the Presidential Court of the United Arab Emirates Sheikh Mansour bin Zayed Al Nahyan.

During the meeting, the current state and prospects for the development of bilateral cooperation in the political-diplomatic and trade-economic spheres were discussed.

The sides paid particular attention to issues related to intensifying efforts aimed at the implementation of large-scale joint projects, particularly in the energy and transport-logistics sectors.

In this context, the expediency of preparing a Programme of Economic Cooperation between Turkmenistan and the UAE was emphasized.

In addition, the sides exchanged views on a number of issues on the regional and international agenda.

## TÜRKMENISTANYŇ WE BAE-NIŇ DAŞARY SYÝASAT EDARALARYNYŇ ÝOLBAŞÇYLARYNYŇ DUŞUŞYGY GEÇIRILDI

2026-njy ýylyň 3-nji fewralynda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasary, Daşary işler ministri Raşid Meredow Birleşen Arap Emirlikleriniň Premýer-ministriniň orunbasary, Daşary işler ministri Şeýh Abdulla bin Zaýed Al Nahaýýan bilen duşuşdy.




Duşuşygyň dowamynda taraplar syýasy-diplomatik we söwda-ykdysady ugurlarda türkmen-emirlik gatnaşyklaryny mundan beýläk-de ösdürmek bilen bagly meseleleriň giň toplumyny ara alyp maslahatlaşdylar.

Türkmenistanyň daşary syýasat edarasynyň ýolbaşçysy döwletleriň arasynda hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine möhüm goşant goşmaga gönükdirilen häzirki Bütindünýä hökümet sammitiniň ähmiýetini nygtady.

Diplomatlar Türkmenistanyň we BAE-niň daşary syýasat edaralarynyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň netijelidigini bellediler. Şeýle hem halkara we sebit guramalarynyň çäklerinde iki ýurduň özara goldawa esaslanýan hyzmatdaşlygy aýratyn nygtaldy.

Mundan başga-da, taraplar ikitaraplaýyn syýasy gatnaşyklary giňeltmegiň çäklerinde şu ýylda geçirilmegi meýilleşdirilýän çäreleri ara alyp maslahatlaşdylar.

## В ДУБАЕ ОБСУЖДЕНЫ ВОПРОСЫ ТУРКМЕНО-ЭМИРАТСКОГО СОТРУДНИЧЕСТВА В СФЕРЕ ЭНЕРГЕТИКИ

3 февраля 2026 года в Дубае Министр иностранных дел Туркменистана Рашид Мередов встретился с Министром промышленности и передовых технологий Объединённых Арабских Эмиратов, генеральным директором Национальной нефтяной компании Абу-Даби (ADNOC) Солтаном Ахмедом Аль-Джабером.



В ходе беседы стороны отметили конструктивный характер сотрудничества между Туркменистаном и ОАЭ в газовой сфере.

Стороны рассмотрели ход реализации текущих проектов, а также обсудили потенциальные направления сотрудничества в целях дальнейшего расширения партнёрства.

На встрече была достигнута договоренность о дальнейшем развитии и укреплении сотрудничества посредством проведения регулярных встреч и консультаций между представителями двух стран для обеспечения последовательного взаимодействия по приоритетным направлениям.

## DELEGATION OF TURKMENISTAN PARTICIPATES IN THE WORLD GOVERNMENTS SUMMIT IN DUBAI

The delegation of Turkmenistan headed by the Deputy Chairman of the Cabinet of Ministers, Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Rashid Meredov is participating in the World Governments Summit, which is being held in Dubai from February 3 to 5, 2026.

More than 30 heads of state and government, as well as 150 government delegations and about 6,000 participants, including leaders of global companies, representatives of international financial institutions and educational institutions, are taking part in the Summit.



The summit agenda includes issues of global governance, the development of artificial intelligence technologies, climate change, and coordinated approaches to addressing economic challenges.

Speaking at the session “The Future of Global Alliances”, the Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Rashid Meredov outlined the approach of Turkmenistan to resolving the pressing issues faced by the world community.

It was noted that Turkmenistan advocates coordinated cooperation between states based on respect for international law, consideration of mutual interests, and the engagement of each country’s potential for the sake of sustainable development.

This approach is reflected in concrete actions. It was emphasized that Turkmenistan has taken the initiative to declare 2028 as the “Year of International Law”. Turkmenistan supports constructive multilateral cooperation, calling for a responsible approach, predictability, and openness.

During the speech, specific mechanisms for developing partnerships were outlined, including effective public administration, the exchange of expertise, and unfolding the economic potential of countries through transport connectivity and increased energy efficiency.

The work of the World Government Summit continues.

# В МИНИСТЕРСТВЕ ИНОСТРАННЫХ ДЕЛ ТУРКМЕНИСТАНА СОСТОЯЛАСЬ ВСТРЕЧА С ПОСЛОМ МАЛАЙЗИИ



4 февраля 2026 года состоялась встреча заместителя министра иностранных дел Туркменистана Махри Бяшимовой и Чрезвычайного и Полномочного посла Малайзии в Туркменистане Мохда Сухайми бин Ахмада Таджуддина.

В ходе встречи стороны обсудили текущее состояние туркмено-малайзийского сотрудничества и будущие направления его развития.

Особое внимание было также уделено вопросам сотрудничества в рамках международных организаций, включая важность практики взаимной поддержки инициатив и кандидатур двух стран на многосторонних площадках.

# GERMAN YKDYSADYÝETINIŇ GÜNDOGAR KOMITETINIŇ ÝERINE ÝETIRIJI DIREKTORY BILEN WIDEOARAGATNAŞYK ARKALY DUŞUŞYK GEÇIRILDI

2026-njy ýylyň 30-njy ýanwarynda Türkmenistanyň Daşary işler ministri Raşid Meredow bilen German ykdysadyýetiniň Gündogar komitetiniň Ýerine ýetiriji direktory Mihael Harmsyň arasynda wideoaragatnaşyk arkaly duşuşyk geçirildi.



Duşuşygyň dowamynda taraplar Türkmenistan bilen Germaniýa Federatiw Respublikasynyň arasynda alnyp barylýan ikitaraplaýyn dialogyň ýokary derejesini görkezýän söwda-ykdysady gatnaşyklaryň depginli ösýändigini bellediler.

Taraplar türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2023-nji ýylyň sentýabr aýynda Germaniýa Federatiw Respublikasyna amala aşyrylan iş saparynyň çäklerinde geçirilen Türkmen-german işewürlik forumyna gatnaşmagynyň ikitaraplaýyn söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmekde güýçli itergi berendigini aýratyn nygtadylar.

Şunuň bilen birlikde, 2024-nji ýylyň sentýabr aýynda Astanada «Merkezi Aziýa-Germaniýa» dialogynyň çäklerinde Türkmenistanyň Prezidentiniň Germaniýanyň Federal kansleri Olaf Şolts bilen geçirilen ikitaraplaýyn duşuşygynyň, şeýle-de german işewür toparlarynyň wekilleri bilen bolan gepleşikleriň ähmiýeti bellenildi.

Yzygiderli geçirilýän özara Ykdysadyýet günleriniň, işewürlik forumlarynyň we ykdysady sergileriň möhümdigi bellenilip, alyp barýan işi döwletara hyzmatdaşlygyň amaly ugurlaryny giňeltmäge ýardam berýän Bilelikdäki türkmen-german iş toparynyň hem-de German ykdysadyýetiniň Gündogar komitetiniň tutýan aýratyn orny nygtaldy.

# В МИД ТУРКМЕНИСТАНА СОСТОЯЛСЯ БРИФИНГ, ПОСВЯЩЕННЫЙ СОТРУДНИЧЕСТВУ ТУРКМЕНИСТАНА С ФАО

5 февраля 2026 года в Министерстве иностранных дел Туркменистана состоялся брифинг по вопросам сотрудничества Туркменистана с Продовольственной и сельскохозяйственной организацией ООН (ФАО).

В брифинге приняли участие руководители и сотрудники МИД Туркменистана, главы и представители дипломатических миссий и представительств международных организаций, аккредитованных в стране, а также представители СМИ.

С докладами выступили заместитель министра иностранных дел Туркменистана Мяхри Бяшимова и в режиме видеоконференции заместитель Генерального директора ФАО, Региональный представитель по Европе и Центральной Азии Виорель Гуцу.

В ходе мероприятия была представлена развернутая информация о текущем состоянии и перспективах сотрудничества Туркменистана с ФАО, ключевых результатах и приоритетных направлениях дальнейшего взаимодействия.

Особое внимание было уделено официальному визиту Генерального директора ФАО Цюй Дуньюйя в Ашхабад в январе 2026 года, который подтвердил стратегический характер партнерства.

Отмечено значение подписания Соглашения о стране пребывания



(Host Country Agreement), создавшего правовую основу для открытия Представительства ФАО в Туркменистане и выведшего взаимодействие на качественно новый уровень.

Сообщалось об успешной завершении Страновой рамочной программы сотрудничества на 2021–2025 годы, в рамках которой были реализованы проекты в области цифровизации сельского хозяйства, повышения устойчивости продовольственных систем, рационального использования земельных и водных ресурсов, внедрения природосберегающих технологий и поддержки фермерских хозяйств.

Отмечено, что в настоящее время ведется работа над новой Страновой рамочной программой сотрудничества на 2026–2030 годы.

В завершение состоялась сессия вопросов и ответов.

# Ambassador of Turkmenistan to Romania met with Ambassador of Croatia to Romania

On February 3, 2026, Ambassador of Turkmenistan to Romania A. Annayev met with Ambassador of Croatia to Romania Ms. Marija Kapitanović



During the meeting, the parties exchanged views on current issues of bilateral cooperation and noted the positive dynamics of Turkmen-Croatian relations, based on mutual respect and constructive political dialogue.

Particular attention was paid to multilateral cooperation within the United Nations, including Turkmenistan's initiatives aimed at strengthening peace, security, and sustainable development. They also discussed prospects for intensifying political and interparliamentary dialogue, as well as further expanding cooperation between the relevant bodies of the two countries.

The parties confirmed their interest in developing cultural and humanitarian ties and expressed their readiness to continue contacts, including at the highest level, to further strengthen Turkmen-Croatian cooperation.



## О ВСТРЕЧЕ С ЧРЕЗВЫЧАЙНЫМ И ПОЛНОМОЧНЫМ ПОСЛОМ РУМЫНИИ В ТУРКМЕНИСТАНЕ

3 февраля 2026 года состоялась встреча заместителя министра иностранных дел Туркменистана Ахмета Гурбанова с Чрезвычайным и Полномочным Послом Румынии в Туркменистане Ионом Навалом.

В ходе переговоров стороны обсудили широкий спектр вопросов двустороннего сотрудничества.

Отмечена необходимость организации контактов на высшем и высоком уровнях как в формате двусторонних визитов, так и в рамках многосторонних площадок.

Стороны подчеркнули важность проведения на регулярной основе политических консультаций, а также заседаний Межправительственной туркмено-румынской комиссии по экономическому и научно-техническому сотрудничеству и других форматов двустороннего взаимодействия.

По итогам встречи собеседники подтвердили обоюдную заинтересованность в дальнейшем укреплении традиционно дружественных связей и развитии плодотворного сотрудничества между Туркменистаном и Румынией.

## MOSKWA ŞÄHERINDE ÝEŇŞIŇ 80 ÝYLLYGYNA BAGYŞLANAN ÝYGYNDYLARYŇ TANYŞDYRYLYŞY GEÇIRILDI

2026-njy ýylyň 5-nji fewralynda Moskwa şäherinde «Respublikalar – 1941-1945-nji ýyllaryň frontuna» atly resminamalaryň ýygyndylary toplumynyň tanyşdyrylyş hem-de olary GDA agza ýurtlaryň Russiýa Federasiýasyndaky Ilçilerine gowşurylyş dabarasy geçirildi. Doganlyk halklaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan umumy Ýeňşe goşan goşandyna bagyşlanan ýygyndylar Russiýa Federasiýasynyň Howpsuzlyk Geňeşiniň Diwany tarapyndan Russiýa Federasiýasynyň Ylym we ýokary bilim ministrligi, Russiýanyň taryh jemgyýeti hem-de Russiýanyň döwlet ynsanperwer uniwersiteti bilen bilelikde taýýarlanyldy we neşir edildi.

Çärä Russiýa Federasiýasynyň Howpsuzlyk Geňeşiniň Sekretary S.Şoýgu, Russiýa Federasiýasynyň Daşary işler ministriniň orunbasary D.Lýubinskiý, Russiýanyň taryh jemgyýetiniň başlygy S.Naryşkin, sebitleýin halkara guramalarynyň ýolbaşçylary, Russiýa Federasiýasynyň jemgyýetçilik, syýasy we harby işgärleri, GDA agza ýurtlaryň Ilçileri, diplomatik korpusynyň wekilleri, alymlar hem-de KHBS-iň wekilleri gatnaşdylar.

Tanyşdyryş dabarasynda çykyş etmek bilen, Türkmenistanyň Russiýa Federasiýasyndaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi E.Aýdogdyýew türkmen halkynyň Beýik Ýeňşe mynasyp goşant goşandygyny belledi. Biziň ildeşlerimiz frontlarda gaýduwsyzlyk bilen söweşip, gahrymançylyk, edermenlik we ruhubelentlik görkezdiler. Türkmenistanly esgerleriň edermenligi Watana söýginiň, ar-namysyň, borja wepalylygyň hakyky nusgasydyr.





Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň Ýeňşiň 80 ýyllygynyň hormatyna Moskwada geçirilen dabaraly çärelere gatnaşmagy umumy gahrymançylyk mirasyna ygrarlylygyň ýene bir nyşany boldy.

Bellenilişi ýaly, ildeşlerimiziň müňlerçesi söweşjeň orden-medallar bilen sylaglanyldy. Olaryň hatarynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň atasy, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň garry atasy Berdimuhamet Annaýew hem bar. Häzirki wagtda Berdimuhamet Annaýewiň durmuş ýoly ýurdumyzyň ýaşlary üçin watançylygyň, belent ruhy-ahlak gymmatlyklaryna ygrarlylygyň nusgasy bolup hyzmat edýär.

Uruşdan mähriban ojaklaryna dolanmadyk hem-de Ýeňiş bilen gaýdyp gelen ildeşlerimiziň atlary «Hatyra» we «Şöhrat» kitaplaryna girizildi.

Ýygyndylar GDA agza döwletleriň Ilçilerine dabaraly ýagdaýda gowşuryldy. Ýeňşiň 80 ýyllygyna bagyşlanan «Türkmenistanyň Beýik Watançylyk urşy ýyllaryndaky edermenligi» atly dokumental ýygynda ildeşlerimiziň Ýeňşe goşan goşandyny beýan edýän resminamalar girizilipdir. Neşiri taýýarlamak işine Türkmenistanyň bilermenleri we taryhçylary hem gatnaşdylar.

Resminamalar ýygyndysy türkmenistanlylaryň söweş meýdanyndaky edermenlikleri barada söhbet açyp, ýaşaýjylaryň gündelik gahrymançylykly zähmeti, olaryň gündelik durmuşy hem-de fronta umumyhalk kömegi barada gürrüň berýär.

Neşir gaýtalanmajak arhiw suratlary bilen bezelipdir. Ýygyndy giň okyjylar köpçüligi üçin niýetlenendir.

«Respublikalar – 1941-1945-nji ýyllaryň frontuna» atly ýygyndylaryň ilkinji nusgalary Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti W.Putin tarapyndan 2025-nji ýylyň dekabrynda Sankt-Peterburg şäherinde geçirilen GDA gatnaşyjy döwletleriň döwlet Baştutanlarynyň resmi däl duşuşygynda döwlet Baştutanlaryna gowşuryldy.

## НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

### *Посол Туркменистана в Румынии встретился с Координатором Института Юнус Эмре*

5 февраля 2026 года в здании Института Юнус Эмре в г.Бухарест состоялась встреча Посла Туркменистана в Румынии Аннамаммет Аннаева с Координатором Института, господином Мустафой Йилдизом.

В ходе встречи были обсуждены перспективы сотрудничества в культурно-гуманитарной сфере на 2026 год, включая проведение совместных мероприятий, таких как дни кино тюркоязычных стран, выставки, научно-культурная конференция и музыкальные программы.

Стороны подтвердили взаимную заинтересованность в дальнейшем развитии сотрудничества и продолжении взаимодействия в рабочем порядке.

### *В Куала-Лумпуре состоялось торжественное мероприятие, организованное Посольством Турецкой Республики в Малайзии, посвященное учреждению Всемирного дня тюркских языков*

В мероприятии приняли участие малайзийские ученые, глава Института Юнуса Эмре в Куала-Лумпуре, его преподаватели и студенты, а также Послы Туркменистана, Азербайджана, Казахстана, Кыргызстана и Узбекистана, дипломаты, представители средств массовой информации и общественные деятели.

В своем выступлении Посол Турции в Малайзии отметил, что ежегодное празднование Международного дня тюркских языков станет важной платформой для продвижения культур тюркоязычных стран и укрепления отношений между братскими народами. Также в церемонии был показан видеоролик, раскрывающий богатую историю и уникальное культурное разнообразие тюркского мира.

В своем заявлении туркменская сторона особо подчеркнула, что под руководством уважаемого Президента Туркменистана ведется постоянная последовательная работа по всей стране, направленная на углубленное изучение нашего литературного туркменского языка и его передачу будущим поколениям. Был дан краткий обзор глубины и универсальности стихов Махтумкули Фраги, нашего общего наследия и мудрого поэта туркменского народа.

Туркменистан за годы независимости систематичсеки сохраняет и развивает свой национальный язык, литературу и культуру, а также всегда будет поддерживат прочные связи с тюркским миром.

***Материалы подготовлены на основе интернет-источников.***